# Rumyniýaly pianinoçy iň gysga wagtyň dowamynda saz guralynyň düwmelerine 500 gezek kakyp täze rekord goydy

Rumyniýaly pianinoçy Turzo Zoltan täze saz ussatlygynyň belentligini eýeledi, ol bary-ýogy 30 sekundyň dowamynda saz guralynyň düwmelerine 500 gezek kakdy. Indi onuň bu başarnygyny Ginnesiň rekordlar kitaby komissiýasy ykrar etmeli.

Mundan ozalky rekord ýarym minutda saz guralynyň düwmelerine 495 gezek kakan ýapon sazandasy Keýte Hattorä degişlidir.

Zoltan birnäçe “saz” rekordlarynyň eýesi. Şeýlelikde, ol 6 kilometrlik beýiklikde pianino çalyp, iň uzak dowam eden ýagny 130 sagatlap pianino çalmak marafonynyň awtory bolmagy başardy.

Все права защищены